# Gündelikde galanlar -13/ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -13/ dowamy PURSATLAR

Men Aýtbaý Hudaýbergenow diýen bir ýaşulyny tanaýardym. Aýtbaý aga 1936-1947-nji ýyllar Türkmenistan SSR-niň Halk Komissarlar Sowetiniň başlygy bolup işlän adam. Ol Daşoguz şäherinde ýaşaýardy. Otuzynjy ýyllaryň başlarynda institutda okap ýören döwürleri, basmaçy bar bahanasy bilen guma iberýärler. Basmaçylaryň aldaw-ündewine gidip, ýalňyşan adamlary täze häkimiýetiň tarapyna çekmek. Olar meýletin ýaraglaryny tabşyrsalar, Sowet häkimiýeti olaryň günäsini geçjekdigini olara tabşyrylypdy.
Men olaryň bize beren tabşyrygyna ýüregim bilen ynanypdym. Otuz töweregi adamy öz tarapymyza çekmek başardypdy. Munda bize gökdepeli Nepes işan uly kömek beripdi. Ol töwellaçydy. Olara biz başda “Hökümet size ýer-suw berjek, ulag, tohum berjek” diýip aýdypdyk. Olaram bize ynam bildirdiler. Durdygylyç han diýeniň aýaly bir çagasy bilen bildirmän kerweniň yzy bilen giden eken. Bäherdene baranlaryndan Enkewede işgärleri otuz adamyň otuzysyny hem ortada oturdypdyrlar. Şonda Durdygylyç eline taýagyny alyp, aýdym aýdýan kişi bolupdyr: “Bar habar ýetir. Biz gutardyk. Indi biziň ölimizi alaýmasaňyz, ölümizem bermezler. Bar git-de aýt, gaýdyp ynanmasynlar” diýip düşündiripdir.
Aýaly onuň aýdanlaryny bek belleýär-de, göni yzyna – guma tarap gaýdýar. Biz bolsak o ýerde galyň bendäni ynandyrypdyk. Başda bize öwredilişi hem şeýledi. Hiç hili aldamak niýetimizde ýokdy.
Aýaly iki günden soň Gultakyryň guýusyna gelip, bolan zady habar beripdir. Şondan soň bir adam hem bize boýun bolmady.

* * *

Segseninji ýyllaryň ahyrynda men han Ýomutskiniň bize galdyryp giden mirasy hakda gyzyklanypdym. Ilkinji türkmen intelligentleriniň biri bolan bu sowatly adam hakda taryhy oçerk hem ýazypdym.
Ol ýigriminji ýyllarda ilkinji gezek Eziz hanyň atylyşy hakda ýazypdy: “Onuň ýatyrka üstüni basdylar we tussag etdiler. Soňra bolsa, onuň üstünden harby meýdan sudunyň gurnalan ýeri bolan Krasnowodskä tarap äkitdiler.
Sudda Eziz özüni şeýle bir ärlerçe alyp bardy, hatda duşmanlardyr sud edýänler hem onuň merdanalygynyň we buýsançlylygynyň öňünde baş egdiler. Ol atuwa höküm edildi we Krasnowodskiden birnäçe kilometrlikde höküm şo günüň özünde ýerine ýetirildi.
Ol atylanda hem gözlerini daňjak bolsalar, rugsat bermedi. Gaýta arkaýyn durup, jellatlara nähili atańda nireden degjekdigini, nädeňde jaýdar atyp boljakdygyny salgy berýärdi. Ynha-da, ol donuny serpdi-de, köýneginiň bagjygyny çözdi we “Ýürekden ur! Ine, ýürek!” diýip kükregini görkezdi hem ýeke damary tirpildemän tüpeňiň nillerine ruhubelent garap durdy…
Eziz han öz göreşen döwründe garyplara el degirmezlige çalyşýardy”.
Geçen asyryň ýigriminji ýyllsrynda Eziz han hakda şeýle setirleri ýazmak üçin uly ýürek gerekdi.
Biz indi han Ýomutskiniň şu ýazgylary esasynda türkmeniň merdana oglunyň keç ykbaly hakda anyk bilýäris.

* * *

Žurnalist kärdeşlerimiň biri bäherdenli bir ýaşuly hakda gürrüň berdi. Onuň gürrüň berşi boýunça, ýaşuly bagşyçylyk hem edipdir, goşgam ýazypdyr. Gepiň küle ýeri, gaty täsin söhbetdeş bolupdyr.
– Ýaşuly häzir bamy?
– Ýok, geçen ýyl ýogalypdyr. Aýaly pahyr özünden öň aýrylan eken.
Kärdeşim onuň ýazan goşgularynyň birinden birki bent aýdybam berdi.

– Ýaşulyň yzynda ogul-gyzy bardyr-a. Belki, onuň golýazmalary galandyr. Kyn görmeseň, gidip geläýeli, hem aýat okarys – diýdim.
Wagt belleşip, Ýarajy obasyna tarap ýola düşdük. Idäp-sorap ýaşulyň öýüni tapdyk. Gyş güni bolansoň bir ýigit bilen bir gelin penjireleriniň aýnalaryna klýonka petikläp duran ekenler.
– Weli Kňmegiň öýümi?
– Hawa. Geliberiň.
Ýoldaşym “Aýat oka” diýen terzde maňa seretdi. Biz sekiniň üstünde oturdyk. Biligimden merhumyň ruhuna aýat okamaga başladym. Boldum edip, töwir galdyranymdan soň, ýaňky gelin gysga boýly, eli hasaly bir garry adam bilen daş çykdy.
Ýoldaşym gözüni elek-çelek edip, maňa garady. Ýerinden galyp:
– Bo-ow, ine-de ýaşulyň özi. “Ölme-de, ýit” diýenleri-dä. Görüşmänimize-de näçe ýyl geçipdir. Edil şumat gelnejemiziň ruhuna-da aýat okadyk. Yzy ýarasyn! – diýip, ýaşuly bilen garsa gujaklaşdy.
Men kärdeşimiň ýagdaýdan duýdurman çykalga tapyşyna haýran galdym. Ýaşuly bilen çaý başynda uzak wagtlap söhbetdeş bolduk. Dogrudanam, ýörite geleniňe degen ekeni.
Gaýdyşyn weli, tä şähere gelýänçek gülüşip gaýtdyk.
Käwagt şeýle-de bolaýýar.

* * *

Uniwersitetiň talybydyk. Seminar sapagy bolansoň biziň talyplar toparymyz bilen dilçi alym, ýumşak adam, tapbilýän mugallymymyz Kakajan Şamyradow sapak geçýärdi. Birdenem öňdäki hatarda oturan talyp ýoldaşlarym böküşip-böküşip gapydan atylyp çykyp başladylar. Mugallymymyz pahyr ýere ýazylyp ýatyr.
Zalyň ugrundan ylgap barýas. Şeýle pursatda adamy aýylganç gorky gurşap alýan ekeni. Diwarlar birden çat ataýjak ýaly, zordan daş çykdyk. Uniwersitetiň öňi giden adam mähellesi. Indi jaýdan hiç kim çykanogam, girjegem bolanok. Tebigat ýene nähili oýun ederkä diýip garaşyp durus.

Bäş-on minut geçendir-dä. Ine-de, elinde şlýapasy, rektorymyz Kerim Maşrykow howlukman ýöräp gelýär. Ähli adamyň nazary oňa gönükdi. Bu örän tolgundyryjy pursatdy.
Onuň äwmän ýöräp gelşi häzirem gözümiň öňünde.
Professor Mäti Kösäýew şo wagt bizden aşaky kursa leksiýa berýän ekeni. Auditoriýa uly. Talyplaram ýüze ýakyn. Şonda daýaw-daýaw oglan-gyzlar biri-birini itekläp, gapydan çykjaklar. Garry professory bolsa bir burça gysypdyrlar. Muny gözi bilen gören ýoldaşlarymyň gürrüňine görä, Mäti aga aldygyna doga okap, “Oglanlar, gyssanmaň, Alla diýiň” diýip, birnäçe gezek gaýtalapdyr.
Dine daralýan döwürde professor “Oglanlar, Alla diýiň” diýen sözleri biz talyplar üçin birhili geňräk eşidilýärdi.
Bu ýalňyşmasam, megerem 1969-njy ýylyň güýzi bolsa gerek. Şonda Aşgabatda ýer sarsgyny güýçli duýludy.

* * *

Köp ýyllardan bäri tanaýan bir ýoldaşym özi bilen baglanyşykly bir wakany gürrüň beripdi.
Ýaňky ýoldaşymy bir bahana tapyp, başga bir näbelet edarasyna işe geçirýärler.
– Edil ganatym gyrlan ýaly boldy. Edara-da, adamlar-da näbelet bolansoň, şo ýerik işe aýagym ädenok. Bir aý geçdi, öwrenişip bilemok, iki aý geçdi şeýle. Teý bolanok. Bir gün öňki işlän edarama goňşy edarada bir ýer boş diýip eşitdim. Her niçigem bolsa öňki görşüp ýören adamlarym. Başlygynam tanaýan. Ýaşuly adam. Sylap ýören adamym. Gürlände dagy şeýle akylly gürleýär. Käte-käte ojuk-bujuk makaladyr oçerk ýazmasam bar, allanäme, okalar ýaly edip ýazýar.
Bardym. Gadyrly salamlaşdy. Arzymy aýtdym. “Işiňi üýtgedeniňi eşitdim. O ýer seň ýeriň däl. Seň ýaly işgär tapsak, gaşymyza sürme ederis. Ýer-ä boş däl. Ýene bäş-on günden habar tut” diýip, ol hoş wadany berip goýberipdir.
Ýer bolsa-da “heniz ýok” diýmesine birhili bolan ýoldaşym, beýle adam öz sözüni ýele sowurýan adam däl. Söz berdi. Kömek eder” diýip, ynamyny berkidipdir.

Ol aýdylan möhletde ýaňky başlykdan habar tutupdyr. “Iş ýok” diýen gödek jogap alypdyr.
Ondan bäri bir topar ýyl geçipdir, ýöne ýoldaşym şol adamyň aldaýşyny, onda-da öňki derdine dert goşandygyny gynanç bilen ýatlaýar. Ozallar onuň ýazan zadyny ürç edip okaýan bolsa, şol wakadan soň onuň ýekeje zadyny hem okamandyr. “Ýalan sözleýän adamyň ýazan zady-da ýalandyr” diýip, ol öz-özüni ynandyrypdyr.
Onuň gürrüňini diňläp oturan başga bir ýoldaşymyz:
– Ozal men muny hiç ýerde aýdamok weli, şuň ýaly zat meň durmuşymda-da boldy. Meňem başymdan geçiren wakam şo döwürde bolupdy.
Işläp ýördüm. Başga bir edarada maňa has amatlyrak iş hödürlediler. Menem razylyk berdim. Täze işlejek ýerimden meni soraýandyklary hakdaky haty hem iberdiler. Başlyk başga ýere işe gidýänligim sebäpli işden boşadylýanlygym hakdaky buýruga gol çekipdir.
Hasaplaşdym, zat etdim. Ertir sagat göni dokuzda täze edara işe bardym. Başlygyň kabulhanasynda garaşyp durun. Çagyrdy. Girdim. Ýüzi bulaşyk. Näme diýjegini bilenok. Menem onuň bu bolup durşuna howsala düşüp başladym.
Görüp otursam, oňa irden ministrlikden uly başlyk jaň edip, täze işgäri yzyna – öňki edaraň garamagyna ibermeli diýipdir. Kime arz etjek? Nalaç yzyma dolanmaly boldum. Ýene-de öňki ýerimde işläp başladym.
Nämemişin, hemme ýerde sözi geçýän diýdimzor başlygymyz meniň bu hereketime gahary gelenmiş. Başda özi buýruga gol çekip, “hany bir ertire çykaly bakaly, senjagazy edişime bir seret” diýenmişin. Aýdyşy ýalam sözüni gögerdip bildi.
Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň, ol başlyk uzag-a işlemedi. Tanadylar öýdýän. Soň onuň özem meniň düşen günüme düşäýdi öýdýän. Bir gün ol maňa ýolda sataşyp, menden iş tapyp bermegimi sorady. Hawa-da, “Ýakma – bişersiň, gazma – düşersiň!”.

* * *

Bir gezek, segseninji ýyllaryň ahyry bolsa gerek. Türkmenistanyň halk hudožnigi Aýhan Hajyýew Hindistanda rus dilinde neşir edilen bir žurnaly görkezdi-de: “Şunda türkmen şahyry hakda ýazylypdyr. Özüm-ä şeýle şahyr hakda ilkinji gezek okadym. Asly türkmen. Şu hakda ýazsana!” diýdi.
Hindistanda ýaşap uly derejelere ýeten, ussat şahyr, asly türkmen Baýramhan hakda ozal köp okapdym. Ýöne Asadulla Han Galib, has takygy, Mürze Galib hakda birinji gezek eşidýärdik.
Ol 1797-nji ýylda Asrada dünýä inipdir. Hindi edebiýatçysy Mälim Ram Galib hakdaky makalasynda şeýle ýazýar: “Onuň ata-babasy orta aziýaly türkmenlerdir. Galibiň atasy gowy durmuşyň gözleginde Hindistana XVIII asyryň ortalarynda gelýär…”.
Galib pars dilinde ýigrimi bäş müň setirlik gazal ýazypdyr. Onuň pars dilinde ýazylan “Diwany” 1845-nji ýylda çap edilipdir. Şahyr 1869-njy ýylda Delide aradan çykýar. Onuň ýoluny Azat hem-de Haly ýaly uly şahyrlar dowam etdiripdirler. Haly öz halypasyna bagyşlap “Ýadgar-i Galib” (“Galibiň ýadygärligine”) atly kitabyny ýazýar.
1965-nji ýylda Daşkentde şahyryň gazallarynyň çaklaňja ýygyndysy çap edilipdir. Täjik alymlary Ş.Poladow, A.Gafarow Gündogaryň bu beýik şahyry, asly türkmen Mürze Galib hakda kandidatlyk işlerini ýazypdyrlar.
Galib öz gazallarynyň birinde:

Eý, Galib seň kowmuň örän gadymy,
Ata-babaň ýurdy – Turan, müdimi.

Aslymyz aýtsam, türki biz, türki,
At-abraý hem şöhrat olaryň durky…
– diýip ýazypdyr.

* * *

Şahyr we terjimeçi Anna Muhadowyň edebiýatda bitiren hyzmatlary az däldi. Maňa onuň bilen birnäçe gezek söhbetdeş bolmak miýesser edipdi. Hemişe arassa geýinýän bu ýaşuly medeniýetli adamdy. Daşyndan göräýmäge, gaty parahat adamdy.
Ýöne bu asla beýle-de däl ekeni. Ol agyr durmuş ýoluny geçen

ekeni. Bu hakda şahyr Anna Gurtgeldiýewden eşiden gürrüňim henizem ýadymda.
Bir gezek şeýle waka boldy. “Atdaş, ýagdaýlar niçik?” diýip, onuň hal-ahwalyndan habar almak üçin öýüne bardym. Keýpsiz otyr.
– Atdaş, köne kitaplarym bar. Şolary ýerleşdirip bolmazmyka? Men özüm ýeke baryp tabşyrmagy birhili görýän – diýdi. Menem:
– Atdaş, oň kynçylygy bolmaz – diýdim. Meniň maşynyma münüp, baryp bukinistik dükanyň müdiri bilen gepleşdim. Kitaplaryň köpüsi hiç ýerde tapdyrmaýan kitaplardy. Barybir ony öz bahasyna satyn aldylar. Men öz maşynymda ýedi-sekiz gezek gatnaw etdim. Iki müň manat pul berdiler atdaşa. Ýolda gaýdyşyn hapa bolup:
– Görýäňmi, atdaş, meň düşen ýagdaýymy – diýdi. – Ne aýal (Onuň Olga diýip gaty adamkärçilikli aýaly bardy. Pahyr bolupdy), ne çaga bar mende, üstesine-de keselbent – diýip, özüniň şeýle ýagdaýa düşmeginiň günäkäri hökmünde otuz ýedinji ýylyň tutha-tutlugyny näletledi.
Ömrüniň soňky on bäş ýylyny keseli sebäpli işlemedi. Muň üçin ol pensiýa-da alyp biljekdi weli, nämüçindir şoň ugruna çykmady. Özi üçin baryp bir zat haýyş etmezdi. Hatda özi birnäçe ýyllap neşirýatda wezipeli orunda işlese-de, goşgularyny özbaşyna kitap edip çykartmady.

* * *

Ýolum düşüp, gözel Aýdere jülgesini alkymlap oturan Tutlygala obasynyň deňinden geçenimde, her gezek partizan esger Geldi Gurbanmyrady ýatlap geçýärin. Bu oba şo gerçek ýigidiň dünýä inen obasy. Obadaky mekdep hem indi telim ýyldan bäri onuň adyny göterýär.
Brýanskiniň gür tokaýlyklarynda partizan toparyň düzüminde faşistlere garşy batyrgaý ildeşim hakda öz döwründe goşgular ýazylyp, niçeme kyssalar döredilipdi.
Baryp-ha 1943-nji ýylda partizan Geldiniň gaýduwsyzlygy hakda ukrain şahyry Agata Turçinskaýa poema ýazypdy. Ýazyjy Ýuriý Dold bolsa “Otluk aýtymdaky ýadygärlik” atly kyssa eserini

ýazypdy.

Gyzyl güller bilen bezelen oba,
Egdi gahrymana egilmez başyn.
Onuň adyn salyp göwherden gaba
Nepis nagyşlardan keşdelär daşyn.

Brýanskiň ýany tokaý-jeňňeldi,
Onda bir dub gabyr üstüne egildi.
Ol gabyrda ýatyr gahryman Geldi,
Şonda hem partizan heňi doguldy…

… Eý, ýolagçy, eger Sumbara gelseň,
Ýoluň düşüp Tutlygalada bolsaň
Gahrymanyň öýlerine gelip git,
Gahrymandan ýadygärlik alyp git.

Sen-de meniň ýaly ýatlagyn ony,
Şu ýerde dogupdy Geldiniň güni…

Bu setirler Agata Turçinskaýanyň meniň obadaşym hakda ýazan eserinden alyndy. Ildeşimiň merdanalygyna buýsanyp, onuň adyna alkyşlar okaýaryn.

* * *

Gije düýşümde keselhanalaryň birine barýan. Maşyny goýýan. Soň çykamda maşyn goýan ýerimde ýok. Başga bir ýerde goýandyryn diýip pikir edýän. Şo wagtam hasanaklap oýanypdyryn. Görsem, düýşüm. Begendim. Ertesi ýüzümiň rentgen suratyny gözledim. Ony bäş-on günlükde poliklinikada surata düşürtdim. Surat tapylmady. Elbet, bir ýerlerde goýandyryn. Lukmandan sorasam, “Ýok. Ony özüň bilen äkitdiň” diýdi. Meni biynjalyk eden zat suratda gara tegmil bardy. Rentgenologdan sorasam, ol brak diýdi. Gaýmorit bar eken.
Käte düýşde gören wakalaryň ýa-ha göni, ýa-da gytaklaýyn gaýtalanaýýar. Geň galmaly.

* * *

Şu gün Gurtly kölünde bir oglanjyk tasdanam heläk bolupdy. Ejesi eli çagaly. “Kömek ediň!” diýip bagyrýan sesine hemmämiz ylgaşyp bardyk, barýançak çagany suwdan çykardylar. Ikiýana silteläp otyrlar. Men iki aýagyndan tutup başaşak galdyrdym. Onýança Durna atly bir gelin ýüregini basgylady. Oglan özüne geldi. Pulsy urup başlady. Kakasynyň elinde. Ol “Ertir, ine, mekdebe bararsyň” – diýip, oglan eşitse-eşitmese-de köşeşdirjek boldy. Eger biz ýetişmedik bolsak, oglanjygyň heläk bolmagy mümkindi. Onuň ady megerem Nurydy.
Şo ýerde men ýene iki sany maşyny gumdan çykarmaga kömekleşdim.

* * *

Ellinji ýyllaryň başlarynda atamyz Çary Baly ogly Tejen şäherinde (Gazak oba diýilýän ýerem bolmagy mümkin) ýaşaýardy. Üç-dört ýaşymda bolmagymam ähtimal. Kakam bizi – enem bilen meni otly bilen Tejene äkitdi. Atamyň ýanyna. Biziň ýaşaýan obamyz derýanyň boýundady. Bir aýalyň arkasy çöp-çalamly derýany boýlap gelýäni ýadymda galypdyr. “Gark bolar” diýip gorkupdym. Goňşymyz Rejep atly bir adamdy. Iki aýagam ýokdy. Aýaly bardy.
Bir gezegem obadan agam bilen jigim Aşyrdöwlet geldiler. Biraz wagt geçenden soň bizi – Aşyr ikimizi sünnete ýatyrdylar. Men ýatan ýerimden agamyň elinden sypyp gaçdym.
O ýerde birnäçe wagt bolup, obamyza geldik. Mekdebe gatnap başladym. Ellinji ýyllaryň ahyry ýa-da altmyşynjy ýylam bolmagy ahmal, oblastdan, raýondan birtopar adam gelip, biziň – oba kommunisti Güri Çaryýewiň çülpe çagalarynyň jüllügini gördüler. Kakam jigim Aşyry sypdyryp, onuň deregine goňşymyzyň ogluny barlaga salýardy. Bu bize gaty ýokuş degdi. Soň bu ýene-de birki gezek gaýtalandy. Görüp otursak, şo döwür sünnete ýatyrmak gadagan eken. Çagasyny sünnet edýän adamy işden kowup, partiýa hataryndan öçürýän ekenler. Kakamyz şo wagtlar oba Sowetinde sekretar bolup işleýärdi. Şonuň üçin Aşyry barlag gelende sypdyryp, ýerine goňşymyzyň ogluny goşýardy.

Soň uniwersitetiň iň soňky kursunda okap ýören döwrümde “Nowosti ekrana” atly gazetiň türkmençe sahypasyna redaktorlyk edýän wagtym, bizi barlamaga gelen adamlaryň biri bilen işleşmek miýesser etdi. Ol respublikanyň kinofikasiýa we kinoprokat uprawleniýesiniň naçalniginiň orunbasary bolup işleýän ermeni adamsydy. Ady ýadyma düşenok. Naçalnigi Garýagdy Geldiýewdi. Ýatan ýeri ýagty bolsun, gowy adamdy. Ýaş tapawudyna garamazdan, meniň dostumdy. Uniwersiteti gutaryp, Aşgabatda işe galmagyma-da (“Nowosti ekrana” gazetinde) şol eziz dostum ýardam edipdi. Hat (naprawleniýe) beripdi. Ýogsam meni işe Çeleken şäherine ibermeli edilipdi. Munda dekanymyz Öde Abdyllaýewiň “hyzmaty” barmyka diýýän. Ol näme üçindir meni halamazdy. (Sebäbini bilýän-le!).
Okuwy gutaramsoň komsomolyň Merkezi Komitetiniň sekretary bolup işleýän Gurban Agalyýew meniň “Ýaş kommunist” gazetinde işe başlamagyma sebäp boldy.
Biz mekdepde okap ýörkäk ol Garrygalada komsomolyň sekretarydy. Döredijilik bilen meşgullanýanymdanam habary bardy. Belki-de, şoň üçindir, ol maňa kömek edipdi.
Näçe gadaganam bolsa, güzaply bolsa-da, adamlar gorkman-zat etmän çagalaryny sünnete ýatyrýardylar. “Her döwür – bir döwür” diýilýäni eken-dä.

* * *

“Hatyra” kitabynyň 1-nji tomy Balkan welaýatyndan Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan gerçeklere bagyşlanypdyr. Kitabyň 233-nji sahypasynyň ikinji sütüniniň başynda meniň daýym hakynda maglumat berilýär: “Hudaýberenow Ata. Garrygala raýonynyň Könekesir o/s. 1922 ý.d., türkmen, 1942 ý. çagyrylan rýad. 1944 ý. wepat bolan. Leningrad obl., Pskow raýonynyň Lopatino obasyndan 200 m, günorta-günbatarda gonamçylykda jaýlandy. 234-nji sahypanyň 1-nji sütüniniň başynda bolsa agam hakynda şeýle maglumat berilýär:

“Çaryýew Allaýar.
Garrygala raýonynyň Könekesir o/s 1925 ý.d., türkmen, gw. red., 25.06.44 ý. wepat bolan, Witebsk obl., Orşa raýonynyň

Wydrisa obasynda jaýlanan, № 1, doganlyk gubur”.

Daýym bilen agam hakda ýazylan setirleriň bir-biri bilen gabat gelmegi meni gaty geň galdyrýar.

* * *

Bir gezek (togsanynjy ýyllaryň başy bolsa gerek), redaksiýada işläp otyrkam, telefon jyňňyrdady. Trubkany galdyrdym. Nätanyş adam. Özüni tanatdy we näme maksat bilen jaň edýänligini aýtdy.
Başda ol maňa ýüzlenende Allaýar aga diýip salamlaşdy. Ol Allanazar Gurban, Türkmenistanyň at gazanan artisti (ol bu ada kyrkynjy ýyllarda Kakanyň drama teatrynda Hoja Şüküriň “Horezm” pýesasyny sahnalaşdyrany üçin mynasyp bolupdyr), köne režissýor.
– Men siziň köne partiýa, döwlet işgärleri hakda, tutha-tutluk döwründe nähak giden adamlar hakda ýazan zatlaryňyzy yzygider okaýaryn. Men indi uzak döwürden bäri bir syry özümde saklap gelýän. Ony bir ynamdar adama aýdasym gelýär. Ony özüm bilen äkidesim gelenok. Ýazan zatlaryňyzdan çen tutup, şo syry size aýdaýyn diýen karara geldim. Haçan wagt tapsaňyz, bir söhbetdeş bolaýsak – diýdi.
Wagt belleşdik. Allanazar aga meni görüp: “Siz ýaş ekeniňiz. Men size ýaşuly adammykaňyz öýdüp ýörüpdirin” diýdi.
Onuň berjek gürrüňi uruş ýyllaryna degişli ekeni. Şo döwürde Moskwanyň teatr institutyny ýigrimä golaý türkmen oglany tamamlap, Aşgabada gelýär. Olara uruşdan galdyrylýandyklary hakda kanuny rugsatnama hem berlipdir. Muňa garamazdan, Mollanepes teatrynyň ýolbaşçysy we onuň hemşerileri her edip-hesip edip, oglanlary fronta ibermegiň kül-külüne düşüpdirler.
– Men onuň bilen goňşy ýaşaýardym. Her gün agşam ýarygijä çenli ol harby komissary öýüne çagyryp, şagal mesligini guraýardy. Maksady ýaş zehinli oglanlardan dynmakdy. Ol maksadyna-da ýetdi.
Şol oglanlaryň ählisini fronta ugratdy. Şolardan diňe Meret Atahan galdy. Olam şol gün – fronta ugraljak güni otla gijä galyp geldi. Şeýdibem ol tylda galdy. Oglanlaryň birem

frontdan dolanyp gelmedi. Şolaryň içinde ýazyjy Täşli Gurbanyň agasy Annaberdi Gurbanow hem bardy.
Eger-de şolar diri bolan bolsalar, türkmen teatrynyň ösüşi gör, niçik bolardy.
Ýaşuly meniň bilen hoşlaşdy. Ýaşy togsana golaýlan Allanazar aga göwnüme bolmasa, öňküden has göwnühoş göründi.

* * *

Aşgabat ýer titremesi döwründe şähere we welaýata ýolbaşçylyk eden Ýusup Öwezow bilen maňa söhbetdeş bolmak miýesser edipdi.
– Aşgabatda ýykylman, abat galan jaýlardan bir-ä Döwlet bankynyň pul saklanylýan otagy hemem dokma fabriginiň täze sehiniň jaýy galdy. Şo wagtlaram şo sehi guran gurluşygyň baş inženerini “Puly köp sowupsyň” diýip türmä basypdylar. Gaýtam oň guran jaýy abat galdy. Baş inžener Orsyýediň bir ýerinde türmede eken. Sehiň ýykylman galanlygy üçin ony türmeden boşatmaly boldy.
Ýer titrän güni ýerlere aýlanmaga gitdim. Bu ýerlerde men adamlaryň örän guramaçylykly işleýändiklerine göz ýetirdim. Olaryň hemmesi aýak üstünde. Biri-birine kömek edýärdiler. Ýer titremesi bu ýerlere-de uly zyýan ýetiripdir. Ýekeje-de abat jaý galmandyr. Obama-oba aýlandym. Ölüm-ýitim weli gaty kän..
Geň galmaly zat, iki gat jaýlarda ýaşaýan adamlar kän bir zyýan çekmändir. Şäherde-de şeýle boldy.
Elektrik togy ýer titränden iküç günden soň diňe Swoboda köçesinde ýandy. Bir hepdeden soň bolsa dizel oturdyldy. Birnäçe wagt geçensoň hem bize üç sany elektrik otlusy berildi. Şäherde elektrik togy şondan soň birneme gowulaşdy.
Ostrowskiý köçesinde çagalar internaty bardy. Iki gat ýerzemini bardy. Demir gözenekli. 60-dan gowrak okuwçy okaýardy. Ýangyn dörände olaryň hemmesi ölüpdir.
Ýerlere ugramankam “Haýwanat bagyndaky ýyrtyjylary nätmeli?” diýen meseläni orta atdym. Bu, şu wagt gürrüň edilmegine-de degmeýän zat bolup görünmegi mümkin. Ýöne şo wagt o haýwanlar şäher ilatynda belli bir derejede howp döredipdi. Sebäp diýende, ýer titrände ähli ýyrtyjy haýwanlar boşanyp köçä

çykypdyr. Olaň arasynda gaplaňam bar, ýolbarsam, möjegem bar. Garaz, adyny tutan haýwanyň bar-da. Ýöne, olar hiç kime degmän, gapdallaryndan geçip gidipdirler. Daň atan wagtam, ählisi haýwanat bagyna üýşüpdirler. Dagap gidibermändirler. Ýöne, olary idedýän adam ýok. Hemmesi kesegiň astynda galypdyr. Emma aç haýwanyň adamlara degjegi ikuçsyz. Şonuň üçinem ýyrtyjy haýwanlary atmaly diýen karara geldiler. Idedýän adam bolmasa nätjek? Başga adamlary hem kabul edenoklar. Haýwanlaň hemmesi atyldy.

* * *

Professor Çary Baýryýewi 1977-nji ýylda işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin medinstitutyň rektory wezipesinden boşadypdyrlar.
Şondan soň medinstitutda bir ýyl kafedra müdiri bolup işleýär. Soňam onkologiýa institutyna ýönekeý wraç edip işe geçirýärler.
– Her günem diýen ýaly meni Iwanow familiýaly sülçi ýanyna çagyrýar. Eý diýýär, beý diýýär. Garaz, başyňy agyrdýar-da. Ýetmiş sekizinji ýylyň sentýabryndan bärem onkologiýa institutynda. Bu ýerde-de prokurormysyň-da milisiýa öz günüme goýmady. Günde-günaşa idäp dur. Birküç ýyl geçensoň meniň at gazanan diýen adymy aldylar. Bir gün Aşgabat oblispolkomynyň sekretary türkmen adamsy gelip: “Çary Baýryýewiç, seň at gazanan adyňy aldyk” diýdi. Men aýtdym: “Oblispolkom nire, at gazanan nire? Muny berýän Ýokary Sowet. Karar bilen berýär. Karar bilenem almaly”.
“Dil haty ýazyp berýän” diýdi. Men “Bolýa” diýdim. “Onda häzir gideli” diýdi. “Bu gün-ä hiç ýerik gitmeýän, erte-birigün geliň. “Tapsam getirip bereýin” diýdim.
Soň tapyp, jaň etsem: “Getiriň” diýdi. “Eltjek däl. Özüňiz geläýiň” diýdim. Özi geldi, elimden aldy. Ine, şeýdip at gazananlygymy hem aldylar.
Ýaňy aýdyşym ýaly, Taňryň beren güni meni prokuratura çagyrýarlar. Bir günem ara gün salanoklar. Özem registrasiýa jaň edip: “Çary Baýra aýdyň, prokuraturaň pylanynjy otagyna

Iwanowyň ýanyna gelmeli” diýip aýdýarlar. Bularam derrew hyşy-da-wyşy. Gelip maňa aýdýarlar. Menem gidýän. Men onsoň sülçä: “Ýoldaş Iwanow, beýdip meni heläk etme. “Gel” diýip, meň özüme aýt, geleýin. Ýöne adamy hiç zat diýme” diýip tabşyrdym. “Bolýa” diýýä-de, ýene şol öňküsini edýär.
Özem her hili bahana tapýar. “Bir ýerden it alypsyň. Muny sen hökümetiň maşynyna mündürip getiripsiň” diýýä. Menem “Nähili it?” diýip soraýan. “Mäne-Çäçe obasyndan. Kolhozyň goýnuny möjege goýup, itlerini alyp gaýdypsyň” diýýä. “Aý, how, beýle zat ýok. Men o taýdan güjük aldym. Özem diläp aldym” diýsemem, “Ýok” diýip otyr. Şondan soň men şol oba gitdim. Bir ýerden ferma müdirini tapdym. Çary aga diýýädiler. “Çary aga, seň beren güjügiň-ä maňa gaty gymmat düşýä” diýdim. “Näme boldy?” diýýä. “Şuň ýaly, şuň ýaly” diýsem, gülüp otyr. “Sen näme kolhozyň balansynda itiň ýokdugyny bileňokmy?”. It çopanyň özüniňki. Ýa meniňki. Muny saňa kim diýenem bolsa ýalan” diýdi. Men: “Şeý diýip hat ber” diýdim. Hat ýazdy. Başlygam şo gün tapmadyk, tapyp, gol çekdirip, möhür basdyryp alyp gelip, Iwanowyň eline berdim. Olam gülüp otyr. Men “Näme gülýäň?” diýsem, “Sen şuň üçin gidipsiň” diýdi. “Sen meni gitmäge mejbur etdiň” diýdim.
Haty aldy. Başga-da bahanasy kän. “O gyz bilen eýdipsiň, bu gyz bilen beýdipsiň” diýip, ýalan-ýaşryk maglumatlar ýygnapdyr. Ýylyň-ýylyna ýazyna daga gidip, özüme gerek derman otlaryny ýygýan. Bir gün garyndaşym bilen daga gitdik. Erek dagyna baryp, üstünde goş ýazdyk. Derman otlaryny ýygyp ýörün, ertesi bir maşynly geldiler. Üstünde-de serhetçileriň başlygy Gonçarow otyr. Ýanynda-da iki sany esger “Boh-ow, sen bäridemi?” diýip, geň galyp sorady. “Başga nirede bolmaly?” diýip, soragyna sorag bilen jogap berdim. “Meniň eneden bolan ýerim, önüp-ösen ýerim şu ýeri” diýdim. O derrew jaň edip: “Bäride eken. Hiç ýerik gitmek niýeti ýok. Ot ýygyp ýör” diýdi. Jaň edip boldy-da: “Bu taýy serhet ýakasy. Ýatjak bolsaň, aşakda ýat” diýdi. “Nä, boldy saňa¬¬?” diýdim. “Sen Eýrana geçjek bolýaň. Tutmaly” diýip, maňa buýruk berildi” diýdi. Şo ýerde akt ýazyldy. “Gol çek” diýdi. Gol çekdim. Dagy näme edeýin?

Bir gün KGB-ä çagyrýarlar. “Merkezi Komitetde ýangyn boldy. Şony ýakan sen. Nähili ýakdyň?” diýip sorag edýärler. “How. Jan aga, men ýakamok. Bi zatlardan meň habarym ýok, bilemok” diýýän. “Ýok, biz bilýäs bu zatlary, ýakan sen” diýýärler. “Men ýakan bolsam, onda meni jenaýat jogapkärçiligine çekiň. Siz meň bilen nähili beýle gürrüň edýäňiz?” diýýän. Şoň üçinem meni birki gezek çagyrdylar. Barybir garaşan netijeleri çykmady. Şeýdip bulardanam sypdym.
Ylymlar akademiýasynyň habarçy agzasy diýen ylmy derejämi hem aljak bolupdyrlar. Akademiýaň prezidenti Agajan Babaýewe jaň edip: “Şony habarçy agzalykdan aýyr” diýipdirler. Olam: “Muň üçin bizde esas ýok. Eger isleseňiz, akademiýaň prezidiumyny özüňiz geçiriň, aýraýyň” diýipdir.
Soň WAK-a: “Çary Baýryýewiň doktorlygyny elinden almaly” diýip, hat iberipdirler. O ýerde-de “Merkezi Komitetiň ylym bilen degişli zady ýok. Öz işiňiz bilen boluň. Biz Çary Baýryny gowy tanaýas” diýip jogap beripdirler – diýip, Çary Baýryýewiç bilen söhbetdeş bolanymda gürrüň beripdi.
Ol elli bäş ýaşyndaka agyr-agyr urgulara, kemsidilmelere sezewar edilen bu adam on ýyla golaý wagt ruhy ejir çekdirdiler. Agyr myjabat bilen näçe ýaşalsa-da ýan bermedik professor – näçe-näçe ömri ölümden halas edipdi. Ýarym göwün adamlaryň ýüreginden çykan alkyşlar, Çary Baýryýewe agyr gününde medet beripdi. Garaşsyzlyk onuň maňlaýyndan diräpdi.
Halkyň içinde ady rowaýata öwrülen bu adamyň aramyzdan gidenine bir topar ýyl geçipdir. Onuň bilen söhbetdeş bolanlygyma çäksiz buýsanýaryn.

* * *

Kakam bir gezek (10.IV.1983 ý.) Aşgabada myhmançylyga gelende gürrüňden gürrüň çykyp, ondan ýedi arkamyzy soradym. Ol maňa şeýleräk gürrüň berdi:
– Ýolöten gapdaldan gaty ir wagtlar bir adam namys üstünde gan edip gaýdýar. Şonuň üçinem obadan çykyp, daglyk ýurtda, nohurlylaryň arasynda mekan tutýar. Günleriň birinde onuň yzyndan bäş-alty sany atly gelip, onuň özüni öldürýärler.

Aýaly bilen çagalaryny gaçyrmaga ýetişen eken. Oňa çenli obadaş adamlar ýetişip: “Gana gan aldyňyz. Bes indi!” diýensoňlar, atlylar yzlaryna dolanypdyrlar.
Onuň yzynda galan üç oglan ýetişýär. Biri Arçmana gaýdýar, beýlekisi Garrygala (Çendire), üçünjisi Nohurda galyberýär.
Ondanam birki arka öwrülýär.
Şondan soň Seýitmyrat, Seýitguly, Mollaly atly ogullary peýda bolýar.
Seýitmyrada Mämmedaly topary girýär – ýagny biz. Seýitgula obamyzdaky Annasähet gara, Annamuhammet Seýitmyrat toparlary girýär.
Mollala hem Nohurdaky Goçmyrat ahun topary girýär.
Mämmedaly garanyň bäş ogly bolupdyr. Nury kiçi (biz), Aman çaryk (Oguldöwlet, Togta…), Şageldi (Eke Öwezmyratlar), Döwlet däli (Işanguly, Anna, Orazmämmet…), Mämmet (Şalyk topary).
Nury kiçiniň ogul-gyzy:
1. Baly kelte (aýaly Desse, Öwezmyrat hajynyň bajysy).
2. Kaka (Mämmedaly) – Nepes agamlar.
3. Hojamyrat (iň ulusy);
4. Oraz ýetim (Eýrana geçýär. Şo ýerde-de ölýär, Öwez agamlar);
5. Oguljemal.
Baly keltäniň çagalary:
1. Aba Baly (Nury kiçi) – 1904–1949.
2. Annamämmet Baly – 1906–1974 ý.
3. Çary Baly – 1909 ý. – 31.V.1986 ý. (aýaly Nowbahar – Goçmyrat ahunyň gardaşy Molla Ysmaýyl ahunyň agtygy).
4. Begi Baly – 1915–1943 ý. frontda ölýär. Fin urşuna-da gatnaşan. Obada sanitar feldşer bolup işläpdir.
5. Gurbanbike – 1912. Jenowlar.
6. Annatäç – Dogryýagyň, Oraz Kiçiniň ejesi.
Çary Balydan: 1. Allaýar – 1925–1944. 23. VI. Frontda ýogalan. 2. Döwletýar (Çüri) – 1927–1992, 7 aprel. 3. Mämmetýar – 1930 ý.d. Ýene- de bir gyzy bolup çaga wagty ölen.
Çürüden:
1. Gurbanjemal – 1947.
2. Allaýar (men) – 1949.

3. Aşyrdöwlet – 1951-2018.
4. Meretmuhammet – 1954.
5. Çaryýar – 1959-2019.
6. Eneçeper –1961.
7. Baýmuhammet – 1964.
8. Röwşen – 1966
9. Resul – 1968-2023

Çaryýar bilen Eneçeperiň arasynda bir gyz boldy. Öli dogdy.

* * *

14-nji sentýabrda (2002 ý.) Serdary öýe çagyrdym. Togumy bejertdim. Indiki hepdäň bir ýerinde oba ejemi görmäge gidip geläýsemmikäm diýdim. “Men şu wagt dynç alyşda. Men äkidip getireýin” diýdi. Turanam obada. Resulyň gurluşygy bilen. Ejemiň ýanynda bolýar. Garaz, indiki hepdä-de goýmadyk-da. şu gün öýländen soň ýola düşdük.

Oba barsak, şu gün Turan otrawleniýe bolup, öler-öler ýagdaýda bolupdyr. Biz baramyzda ýaňy özüne gelen ekeni.

Şu ýagdaýy men Aşgabatda duýan ýaly, özümiň sen ýok, men ýok, uzak dag obasyna ýola düşüşime özümem soň haýran galdym.

01.10.2002

Ellinji ýylaryň ahyrlarydy. O wagtlar on-on bir ýaşlarymda bolmaly. Kakamyň adyna bir hat geldi. Bukjaň ýüzünde bize nätanyş bolan ýazgy bardy. (Soň seredip otursam, ol pars elipbiýinde ýazylan eken). Ol hat birnäçe günläp öýde ýatdy. Kakam ony açmady. Soň ol haty näme üçindir yzyna gaýtardy.

Soň eşidişime görä, ol hat goňşy Eýrandan iberilipdir. Ol ýerde kakamyň daýylary ýaşaýan ekeni. Has takygy, hat garry enemiň dogany Abdylmälikden gelipdir diýdiler.

Döwür gorkuly bolansoň, kakam ätiýajy elden beren bolmaly däl. Ýogsam, ol dogan-garyndaşdan iren adam däldi ahbetin.

Türkmenistan garaşsyz bolansoň goňşy ýurtdan enemiň başga bir dogany Abdylmejidiň ogly ilkinjileriň biri bolup Aşgabada görme-görşe geldi. Şondan ol öz kakasynyň ömrüniň soňunda serhet ýakasyna her gün gelip dagyň başynda oturyp bary-ýogy

birküç ýüz metr çemesi aralykda oturan öz mähriban Könekesir obasyny synlaýşyny gürrüň beripdi.
Ýurt abadançylygyny çeken bu adamyň keseki ýurtda çeken ruhy azaplaryny hiç bir zat bilen ölçäp boljak däldi.
Togsan birinji ýyl bolmagam ähtimal. Eýrandan nohurly ahun gelipdir diýen habar Aşgabada ýyldyrym çaltlygynda ýaýrady. Halk köpçülikleýin ahunyň salamyna barýardylar. Ol biziň öz garyndaşymyz bolup çykdy. Goçmyrat ahunyň neberesinden. Goçmyrat ahun bolsa Durdy bagşynyň “Goçmyrat ahuny bardyr Nohuryň” diýip, goşguda waspyny ýetiren adamydy.
Eşidip, kakam obadan ýörite geldi. Kakam ikimiz ahunyň myhman bolan ýerine bardyk. Meýdançada ullakan çadyr gurlupdyr. Adam diýeniň giden mähelle. Ahun o diýen ýaşuly adamam däl. Bolsa meniň ýaşymda. Kakam bilen gadyrly görüşdi. Kakamyň adyny eşidýän ekeni. Kakam degişdi. Men, şonuň ýaly beýleki adamlaryň ählisi diýen ýaly ahun diýen adamy ilkinji gezek görüşimizdi. Birsalym oturanymyzdan soň gapydan birki sany ýaşuly adam girdi.
Daýaw, peşeneli ýaşuly ahun bilen gujaklaşdy. Ýaşulynyň ahuny gujaklap durşuna, aglaman gözlerindäki ýaşy doňdurşyny haýran galdym.
Olaryň şu bolup duruşlary häzirem gözümiň öňünde. Soň sorap görsem, o ýaşuly Garawul obasynda ýaşaýan Hakberdi molla diýilýän ekeni. Eýrandan gelen ahun hem onuň jan ýaly ýegeni ekeni.
Şol duşuşykdan galan täsirim hakda on ýyl geçenden soň, Hakberdi ýaşula aýtdym. Onuň öňki daýaw göwresinden zat galmandyr. Birhili kiçelen ýaly. Gysylypdyr. Mahlasy garrapdyr.
Adam ýaşap ýörse, uzak aýraçylyklardan soňam nesibesi dartsa birek-birek bilen didarlaşyp bilýän ekeni. Enem 1979-njy ýylyň 27-nji iýulynda uzaga çeken agyr keselden soň ýogaldy. Pahyr köp-köp ýyllaryň dowamynda doganlarynyň aýraçylyk zaryny çekipdi. Ol ýogalanda onuň başga bir özünden uly dogany diri eken. Baglyk diýen obasynda ýaşapdyr.
Pahyr iki-üç ýyllykda ýogalan bolmaly. Men enem ýogalandan soň bu ajy aýraçylyk hakda “O kenarda bir dogan, Bu kenarda bir

dogan…” atly goşgymy ýazypdym. Goşgy aýanlyk döwründe segseninji ýyllaryň ahyrlarynda metbugatda çap bolupdy.
Ine, bu şo döwrüň ajy hakykatlarynyň biridi.

* * *

Amanmyrat Bugaýew gürrüň beripdi:
– Bir gezek Atajan Tagan, Atamyrat Atabaýew üçimiz Mara komandirowka gitdik. Atajanyň agalarynyň biriniňkide myhmançylykda bolduk. Ady başga bolsa-da, obadaşlarynyň arasynda onuň ýörgünli lakamy Bilät aga ekeni. Öň ol türmede üç-dört ýyl ýatyp gelipdir. O ýerde öwrenen rusça sözleriniň biri “bilät budu” eken. Her sözünde ol şony gaýtalaýany üçin adamlar oňa şo lakamy hem ýelmäpdirler. Ine, şonda ol Atamyrada ýüzlenip:
– Sen ganjyk – diýipdir. Atamyradam “Men, goňur” diýip, ol tiresini aýdypdyr.
– Ganjyk diýip men seniň tiräňi aýdamok, ýazan zatlaryňy okap seniň ganjyklygyňy aýdýaryn…
– 1988-nji ýylyň tomus günleriniň birinde biz – Annaberdi Agabaýew ikimiz (ol Ýazyjylar soýuzynyň başlygy, menem litfonduň başlygy) Kerim Gurbannepesowlara bardyk. Kerim aga öýde eken. Baranymyza gaty begendi.
– Geleniňiz gowy. Ýöne häzir bileje Gurbannazarlara baralyň. Köpden bäri olardan habar tutup bilmedim. Onsoň gelip, bir käse çaý içäýeris – diýdi.
Gurbannazarlara bardyk. Gülsoltan gelnejemiz (Gurbannazaryň ejesi) begendi.
– Kerim sen Gurbannazaryň kyrkyndan bäri ýekeje gezegem gelmediň – diýip, göwün etdi.
Ertir gurbanlyk bolansoň tamdyrdan ýaňy çykan çöregiň ysy bark urýardy.
Gurbannazara aýat okap, Kerim agalara geldik. Dynç aldyk.
– Meniň işimi gören Baýram Jütdi bilen Rahym Esen boldy. “Aý, sen beýik adam. Ýaş oglanlar bilenem oturyberýäň. Aý, beýle bolmaly däl” diýip akyl satansoňlar menem şeýlemikä öýdüpdirin.

Birwagtlar Nobatguly, Atamyrat, Amanmyrat dagy bilen Berzeňňiň baýyrlyklaryna çykyp oturan döwürlerim şeýle gowy eken. Indem oňa ýürek päsgelçilik berýär – diýdi.

10.10.2002

Arada ýoldaşym Mele Badaýew bilen radio bardyk. Men oňa maşynyň içinde garaşyp oturdym. Şo wagt gyzyl reňkli “Žiguli” biziň maşynymyzyň birküç metr beýleräginde saklandy.
Ruluň başynda oturanyň özüne göwni ýetýän gopbamja ýaş şahyrlaryň biridigini ýeňsesinden tanadym. Men oňa seretmesem-de, ol meni görendir. Ýaşkiçilik edip salam bermänsoň, men o tarapa seretmedimem. Maşynyny ýapyp, eli birtopar kassetaly radio girdi.
Men ozal redaksiýada işleýärkäm oňa gabat gelýärdim. Täze işe başlan oglandy. Onuň adyna ilkinji gezek “Galkynyş” gazetinde işe başlamda (7.VII.1997) gabat gelipdim. Redaktor Hudaýberdi Diwangulyýew goşgular toplumyny uzadyp: “Okasaň” diýdi. Redaktoryň özi toplumy berensoň, ony okap geçiripdim. Bu şol oglanyň goşgularydy. Redaktor ony ara wagt salman gazetde çap edipdi. Ol oglan daşhowuzlydy.
Men 1999-njy ýylda “Ömrümiziň bahary” atly goşgular ýygyndymy (göwrümi uludy) “Türkmenistan” neşirýatyna tabşyrypdym. Kitaby çykarmak üçin howandarlyk etjek firma-da tapyldy. Bir bölek pul serişdesi-de geçirildi. Işe başlabermelidi. Başlanmady. Golýazma bir ýyldan gowrak neşirýatda ýatdy. Neşirýatyň başlygy şo wagt şahyr ýoldaşymyz Agageldi Allanazarowdy. Şondan soň neşirýat üýtgedi, başlyk edip Rejepmyrat Durdyýewi, onuň orunbasarlygyna ýaňky oglany bellediler.
Ýygyndy ozal redaktor Gurban Çöliýew tarapyndan okalyp gol çekilse-de Durdyýew ony täzeden okamagy şol oglana tabşyrypdyr. Olam okalan birinji korrekturany petir bezän ýaly edipdir. Metbugatda öň çykan goşgularyň birnäçesiniň üstünden gödeklik bilen “gerek däl” diýip atanak çekipdir.
Men muny eşidip, golýazmamy alyp gaýdypdym. Soň birküç gün geçensoň Gurbany sorap jaň etsem, trubkany ol oglanyň özi alyp: “Agam, menden hiç zat sorama, “Maýmynam öz erkine

oýnaýan däldir. Golýazmaňy getir. Başga hiç zady alada etme” diýip ýalbaryp duransoň, ýene golýazmany Gurbana berdim. Görüp otursam, Gurban ony gorkuzan ekeni. Soň ol o ýerde uzak işlemändir. Başga ýerik geçipdir diýdiler. (Ýeri gelende aýtsam, meniň o kitabymy Durdyýewiň “dostluk tagallasy” bilen barybir çykarmadylar. Şo aralykda Gurban Çöliýew tarpa-taýyn aradan çykdy. Ýatan ýeri ýagty bolsun. Gowy adamdy. Üçüne baryp gaýtdym. Çerkez Şamyradow bile. Annaly Berdiýew bilen bile bir günde ýogalypdyrlar. Ölmezinden öň Gurban şu kitap hakda nirede aýtmalam bolsa taýýardygyny, kitabyň gowudygyny maňa tekrarlap aýdypdy. Ýygyndyny Gurban neresse litowat hem etdiripdi. Tap-taýýarjady. Emma pul bahanasy bilen Durdyýew göwnemedi. Ýogsam men şo geçirilen pula on ekzemplýaram bolsa çykaraýyň diýip haýyşam etdim. Aldansoňlar, men gaharyma ýygyndyny alyp gaýtmaga mejbur boldum. Bu gysgaça taryh. Muny men okan adamyň düşünmegi üçin gürrüň berdim.
Ine, şol gedemje oglan radiodan çykdy-da, maşynyň ruluna geçdi. Maşyny otlajak boldy. Maşyn otlanmady. Maşyn hyr-hyrlap iki-üç minutlap ýerinden gozganmadam.
Mele geldi. Men maşyny otladym-da, çykmak üçin yza berdim. Yza berenim şol welin, onuň maşyny otlandy. Şoňa çenli welin ol maşynyň öldür otlanmandygy meni az-kem geň galdyrdy.

R.S. Gürrüňi edilýän şol oglan soň, institutlaryň birinde işläp ýörkä, para bilen tutuldy. Birtopar ýyl türmede oturdy.

10.10.2002

Her kimiň öz ojagy gözüne yssy görünýär. Goý, ol hütdük jaý bolsun, kepbe bolsun, tapawudy ýok, adamyň doglup, üwrelip kemala gelen ýeri onuň üçin mukaddes.
Biziň garry öýümiz 1948-nji ýylda salnypdyr. Üç otagdan ybaratdy. Uzaboý salnypdy. Eýwanlydy. Menem bir ýyldan soň şol öýde eneden bolupdyryn. Menden öň uly aýal doganym, soň doglan bäş doganym şo ýerde eneden bolupdylar. Galan ikisi bolsa täze jaýda doguldylar. Biz jemi dokuz dogan.
Şo jaýyň 20-30 metr çemesi öňünden altmyşynjy ýyllaryň ortalarynda eýwanly dört otagly jaý salnypdyk. Ol jaý öz

wagtynda örän gelşiklidi. Obamyzda oňa taý ýokdy. Diňe obamyzda däl, eýsem etrap çäginde-de şeýle bolmagy ähtimal.
Bag-bakjasy näme degenok! Kakam ýogalandan soň, Aşgabatda ýokary okuw jaýynda okap ýören körpe inimiz o ýerde – ýeke galan ejemiň ýanynda ýaşamaga döwtalap bolupdy. Ol ilki mellekdäki miwe berip oturan armyt agaçlaryny düýbi bilen çapdyrdy. Ony bilip wagtynda öňüni aldyk. Soň onuň jyny garry öýümize düşüp, onam ýykyp, tep-tekiz etdirdi. Birki ýyllykda-da täze hokga çykaryp, melleginň daşyny daş bilen örüp, uzyn haýat geçirtdi. Indem ol kakamyzyň göz guwanjy kakamyzdan galan mukaddes ýadygärlik ýer titrände çat açypdyr bahanasy bilen birwagtky şarňyldap duran jaýy ýykdyrypdyr. Onuň ýerinde täze proýekt bilen ikimi ýa üç gat jaý gurdurýar.
Arada oba bardym. Görüp, synlap ýüregim awady. “Ine, men şu ýerde doguldym. Ine, şu ýerlerde oýnapdym” diýer ýaly ýatlamaga hiç zat galmandyr. Şo ýerde iň bir owadan köşk salanda-da, meniň ýüregimi begendirip bilmejekdigine şo gezek oba baramda düşünip galdym. Indi ol öý, ol howly bize dahylly däl. Ol diňe körpe inimize degişli. Adam bet maksadyna ýetmek üçin atasyndan galan mukaddes ýadygärligi hem, hiç kime sala salman ýumuryp bilýän ekeni. Muny men başga nähili düşündirjegimi bilemok. Belki-de, muňa meniň akylym çatýan däldir. Mukaddeslige düşünişim, belki, könelişendir. Bilemok. Bir zady welin anyk bilýän: indi şäherden oba baramyzda garry enemiziň bizi bagryna basyp duran bosagasy ýok!
Kakamyz bilen üzüm dalbarynyň aşagynda çaý başynda gürleşip oturan uly we giň tapçanymyz ýok. Mahlasy, geçen günlerimize şaýat hiç zat ýok.
Ýa-da bu durmuşyň bir kanunalaýyk nysagymyka? Eger şeýle bolýan bolsa, onda adam diýilýän mahluk nähili aýylganç!

11.10.2002

Garry atamyz diýseň daýhan adamdy. Onuň elinden agaç, demir ussaçylygam gelýärdi. Bagbandy. Etrap merkezinde ýerleşýän çagalar öýüniň at gaýtarym howlusy bardy. Ol şol ýeriň üç gektaryna bag ekdi. Onuň ýetişdiren bagynda adyny tutan miweli

agajyň bardy. Onuň bagy WIR-iň howlusy bilen ýanaşykdy.
Boýy kelte, göwresi kiçi bolsa-da işlemäge gaýym adamdy. Haçan barsaň bagyň içinde ýer depip oturandyr, ýa baglara timar berýändir.
Ýaşynyň soňunda onuň göwnüne degdiler. Ýaşulyny öýkeletdiler. Iş ştaty gysgaldyldy diýip ony işden boşatdylar. Soňam der döküp ýetişdiren negözel bagyny onuň gözüniň öňünde çapyşdyryp, etraba gelýän ketdeler üçin myhmana gurdurdylar.
Eýsem-de bolsa, myhmanhanany bu baga zeper ýetirmän, şäherçäniň başga bir ýerinde gursa-da bolardy. Emma etraba ýolbaşçylyk edýän raýkompartiýanyň birinji sekretarynyň görkezmesi bilen şeýdilipdi. Adamy kemsitmek, nähak göwnüne degmek, ýersiz ýere ynjytmak, mahlasy, soňuny saýman, nebir gözelligi ýumurmak, ýumurtmak owalbaşda adama mahsus zat bolmaga çemeli.

* * *

Goçmyrat ahunyň agtygyna uly Atajan diýýärdiler. Ol biziň daýymyz. Men ol adamy ilkinji sapar Aşgabatda, agamyň öýünde görüpdim. 1966–1967-nji ýyllar bolmagam ähtimal, men o wagtlar uniwersitetiň studentidim. Umumy ýaşaýyş jaýyndan ýer almak kyn bolansoň, men ilkinji okuw ýylynda agamlarda ýaşamaly boldum.
Agamyza Öwez Nuryýewiç Orazow diýilýärdiler. Kyrkynjy-altmyşynjy ýyllar aralygynda hökümetde uly wezipelerde işledi. 1958-nji ýylda “Suhan Babaýewiň guýrugy” diýip, ony söwda ministri wezipesinden boşadypdylar. Muny men soň, giňräk edip ýazaryn, häzirlikçe Atajan daýymyň gürrüňini edeýin. Ol adamyň adyny men ozalam kän eşidipdim. Öýümizde onuň ady hormat bilen tutulýardy. Aýratynam garry enem – Nowbahar Aşyr gyzy onuň adyny mähir bilen agzaýardy. Men göremde ol agyr kesele uçrap ýören döwri eken. Horlanypdyr. Nähoşdugy bildirip durdy. Ýalňyşmasam, men ony soň görmedim. Uzak wagt geçmänem ýogalypdy.
Häzir onuň bir ogly Garrynohur obasynda ýaşaýar. Birki ýyllykda ýolumyz düşüp, onuň öýüne sowuldyk. Men ondan bir hoş

habar hem eşitdim. “Ýakynlarda biz babamyň (Goçmyrat ahunyň – A.Ç.) kitaplaryny onuň ýaşan öýüniň diwaryndan tapyp aldyk” diýdi. Men haýran galdym. Ady nohurlylaryň arasynda rowaýata öwrülen bu adamdan galan mirasy görmäge howlukdym. Kitaplary sandygyň içinde ýerleşdiripdirler. 30-40 kitap barmykan diýdim. Kitaplaryň käbirinde ahunyň öz goly bile eden ýazgylary hem bar. Döwet galamy, onuň gaby hem şu çaka çenli saklanyp galan ekeni. Kitaplary megerem ahun babamyz ýogalandan soň (ol 1919-njy ýylda ýogalan bolmaly. Çarwada ýaşaýan eken. Ony jaýlamak üçin dagdan oba çenli onuň tabyda ýüklenen jesedini adamlar öz gerdenlerinde göterip gelipdirler) hiç kim bilmez ýaly diwary oýup ýerleşdirip, onam suwap goýupdyrlar. Men kitaplaryň ýerleşdirilen ýerini hem gördüm.
Goçmyrat ahun örän okumyş bolupdyr. Ol on ýedi ýyl Buhara medresesinde okapdyr.

* * *

1930-njy ýylda rus ýazyjylarynyň birnäçesi bilen Türkmenistana gelen Leonid Leonow “Margiana syýahat” atly ýazgysynyň bir ýerinde şeýle ýazýar: “… Eýsem-de bolsa, häzir Merwde onuň diwarlarynyň eteginde öldürilen Ýezdigerd III sasaniny ýa yslamy ýaýradyjy Kutaýb ibn Muslimi, ýa bolmasa, Harun-al Reşidiň ogly öz doganyny öldüren Mamuny kim ýatlaýar. Olaryň hemmejesi-de zorluk bilen öz atlarynyň adamlaryň aňynda hemişe galar ýaly etjek bolup dyrjaşypdylar, olar dälilik hetdinde aýylganç işleri edipdiler, öz döwürdeşlerini, ýa bolmasa, olaryň işlerini ýok edipdiler. Keseki ýurduň diwarlaryny tekizläpdiler, suwaryp, kanallaryny gömüpdiler. Çünki olar adam öldüreninden bir kiçijik arygy gömeniň niçiksi ähmiýetiniň bardygyny bilýärdiler. Indi haýsy samsyk olaň atlaryny ýatlaýar? Olar wagt tupan-harasatynyň tozany bilen ýok boldular, men öz kärime mahsus bilesigelijilik edähedi bilen Merw bazarynda nas satyp oturan bir söwdagär kişiden ýedi asyr mundan öň Merwiň diwarlaryny we baglaryny, onuň kitaphanalaryny, belli Soltanbendi ýer bilen ýegsan eden,

üstesine-de onuň bir ýarym million ýaşaýjysyny gylyçdan geçiren (şondan soň ol iki ýarym asyrlap aýňalyp bilmedi) Çingiziň ogly Tuluý hakda soradym.
– Eşidemok… Kim diýdiňiz?.. Tuluý? Hä, olmy, ol başga bir goňşy bazarda oturýandyr! – diýip, ol maňa dilmajyň üsti bilen jogap berdi¬".
Men ýazyjynyň bu ýazgysyny okap, çuňňur oýa batdym…

19.X.2002

"Türkmenistan" gazetine goşgular toplumymy iberipdim. Dünýewi goşgular. Ýalňyşmasam, dört-bäş aý ýatdy. Gazetiň redaktory Kakabaý Ylýasowa jaň edip soradym. "Goşgular gowy. Ýöne syýasy goşgular (Watan hakda) bermeli" diýdiler – diýdi.
"Watan hakda goşgularyň bolsa iber. Bu goşgulary aljagam bolma, bereris" – diýdi. Men geň galdym. Näçe aýlap ýatan goşgular şu çaka çenli berip bilmese, indi haçan berjekkä? "Aldamaga oglan ýagşy" diýipdirler.
Watan hakdaky goşgularymy iberdim. Ýarym aý geçirip jaň etdim. "Goşgularyňy geçirdik. Bir gün bagty açylar-da" – diýdi. Men ýene geň galdym. Jogaby suw gysymlan ýaly. Sen redaktor ahyryn! Onsoňam biz onuň bilen birtopar wagtlap duz-emek bolupdyk. Öýde ýatan adamyň göwnüni galkyndyryp bilmeýşine geň galdym. Kimdir birinden soramaly däl, özünden çözülýän zady gapyşdyryp otyr.
Soň "Galkynyş" gazetiniň bölüm müdiri Atamyrat Atabaýewe jaň edip, arada iberen goşgularymy soradym. Golaýda gabat gelemde "Goşgulaňňy aldym. Geçirerin" diýipdi. Men "Okadyňmy? Göwnüňize ýaramasa, yzyna beräýiň" diýipdim.
Henize çenli okamandyr. "Häzir çykaryp goýjak. Okaryn" diýdi. Nähili geleňsiz adamlar?! Käşgä men redaksiýanyň işine näbelet bolsam. Onuň özünden öň, men şu redaksiýada onuň işleýän şu bölümine müdirlik edipdim. Ýagdaýa belet men. Özlerem meniň wagtlaýyn näsag, öýde işlemän ýatanymy gowy bilýärler.
Birek-birege goldaw bermek, ruhy goldaw, ýoldaşlyk duýgusy diýilýän düşünjeden gaty uzakdaky adamlardan Hudaý saklasyn! Beýle adamlary men şu gün görmeli däl. Munam ýöne ýazaýdym.

20.X.2002

Oglanlyk döwrümiz gaty hezil geçdi. Göwnüme bolmasa, şol wagtlar obamyz has şagalaňlydy, has owadandy, has täsirli ýaly bolup görünýär. Bu hakykatdanam şeýle. Gör, nähili adamlar bardy!

Meret molla, Allanur tagsyr (Tagsyr molla), Abdyl sopy, Anna sopy,Gurbangylyç molla, Gurbannazar sopy …, aý, garaz, sanasaň sogaby bar-da. Gepiň gerdişine görä aýtsam, mekdep okuwçysykam, Tagsyr molla bir gün öýe gelende (pahyr gaty ýuwaş we ýumşak adamdy) men ondan arapça harplary ýazyp bermegi haýyş etdim. Men onuň öz ýazan şol ýazgysyny häzirki bu güne çenli aýap saklaýaryn. Ondan bäri kyrk ýyla golaý wagt geçipdir.

Meret molla Adybaý ogly pähim-paýhasly adamdy. Onuň aýaly garry enemiz Nowbahar Aşyr gyzynyň garyndaşydy. Oba adamlary ony gaty sylaýardylar.

Ýadyma düşýär, altmyşynjy ýyllaryň başlarynda kolhoza doňuz getirdiler. Obadaşymyz Hojadikgi Baba ogluny göwnedip, çopan etdiler. Aradan bir aý dagy geçensoň ol çopançylykdan ýüz öwürýär. Çünki oň öz garyndaşlaryndan biri (Çary Barat hem bolmagy mümkin) “Seniň bakýan malyň haram. Şonuň üçin hiç kim seniň toýuňa, ýasyňa, hudaýoluňa gelmez” diýipdir.

Dogrudanam ol sadaka berende baran adam az bolupdyr.

Doňuzlar çopansyz. Şonuň üçinem kolhoz başlygy Annamuhammet Seýitmyrat, kakam (ol şo wagtlar oba Sowetiniň başlygy) Çüri Çary Meret molla bilen maslahat edýärler.

Meret molla Hoja aga bilen gürleşip: “Kim aýtsa, ýalan aýdypdyr. Sadakaňy täzeden et. Ilki bilen özüm geleýin” diýipdir. Aýdyşy ýalam, ol obanyň ähli mollasyna baş bolup, ol sadaka gelipdir.

Gepiň gerdişine görä, Hojadikgi Babanyň adyna bir gezek men Nurberdi Pommanyň bir eserinde gabat geldim. Ýazyjy bu ady nireden eşitdikä?

Çaga wagtymyz Pomma, (altmyşynjy ýyllaryň başy bolmaly) biziň öýümizde myhmançylykda boldy. Üç-dört günläp öýden çykman oturdylar, dynç aldylar. Ýanynda ýazyjy Nurmyrat Esenmyradow

hem bar ekeni. Muny maňa soň “Edebiýat we sungat” gazetinde işläp ýörkäm, Nurmyrat aganyň özi gürrüň beripdi.
Pomma soň-soňlar kakama şäherde gabat gelende onuň adyny “hökümet” diýip tutýan ekeni.
Obamyzdaky agyzly adamlary ýatlaýaryn. Olaryň hersi bir dünýä eken. Ondan bäri gaty kän adam geçipdir. Häzir käwagt oba barýan weli, gürleşere adam ýok. Her döwür bir döwür bolýan ekeni. Her geçen pursat hakydaňda taryha öwrülýär.
Orazmämmet Öwez, Hojamämmet molla, Eke Öwezmyrat, Oraz Meret, Nepes Kaka, Hydyrguly işan, Allanazar Towy, Kaka Allanazar, Gurbanmyrat kilwan, Meret Amangeldi, Döwletsähet Amangeldi, Annamämmet Baly, Çary Barat, Gurbannazar Sopy, Gurban Görogly, Ökdür Şyhy, Görogly, Annamuhammet Seýitmyrat, Annageldi Nurmämmet, Döli Nowy, Muhy Nowruzhan, Molla Baba… ýadyma düşenleri. Gaty kän adam ýok.

* * *

Segseninji ýyllaryň ahyrynda bolmagam mümkin. Ýazyjylar soýuzynyň jaýynyň öňünde (Azady köçesi)niň 5-nji jaýy) ýazyjylaryň biri bilen gürleşip otyrdyk. Ol ýalňyşmasam, Täçmämmet Jürdekowam bolmagy ähtimal, aňyrdan Goşa Japarow geldi. Görüşdik. Ýanymdaky ýoldaşym meniň adymy tutup, onuň bilen tanyşdyrdy. Ýaşuly meniň bilen ikinji gezek gadyr bilen salamlaşyp görüşdi. “Ýazýan zatlaryň hemmesini okaýan. Gaty gowy” diýdi. Ol meniň 37-nji ýyllardaky tutha-tutluk we döwlet, partiýa işgärleri hakda ýazan makalalarymy göz öňünde tutýardy.

* * *

Ylymlar akademiýasynyň Taryh institutynda segseninji ýyllaryň ahyrlarynda 37-iň pidasy bolan partiýa we döwlet işgärleri hakda aýratyn kitap çykarmagy göz öňünde tutulyp, awtorlar kollektiwi belli edildi.
5-10 awtor. Oňa menem goşupdyrlar. Nobatdaky maslahatdan çykyp institutyň öňünde gürleşip otyrdyk. Institutyň direktory Nury Atamämmedow, Onjyk Musaýew we başga-da birnäçe adam bardy. Şo

wagt akademiýanyň wise-prezidenti akademik, taryhçy alym Myrat Annanepesow gapydan çykdy.
Gelip görüşdi. Onjyk Musaýewiç oňa meni “Allaýar Çüriýew” diýip tanyşdyrdy. “Ýazýan zatlaňňy okaýan. Gowy ýazýaň. Aktiw işleýäň. Men institutyň oglanlaryna Allaýardan görelde alyň. Onuň ýeke özi bir institutlyk iş edýär” diýip aýdýan” diýdi. Onuň bu sözleri mende aýratyn täsir galdyrypdy. Bir gezegem men soň oňa akademiýaň öňünde gabat geldim. Bir ýaş awtoryň Gökdepe wakalary hakda ýazan (“Edebiýat we sungatda” çap edilipdi) makalasynda öz adyna aýdylan nähak bellikden närazydygyny aýtdy. Bu hakda ýazyp görkezip bolmajak faktlaryň hem bardygyny aýtdy. Şonda 5 müňe golaý türkmen aýal-gyzlarynyň Germabyň üsti bilen Eýrana gyrnak hökmünde aşyrylandygyny aýtdy. Dogrudanam men mundan öň bu fakty hiç ýerde okamandym ýa-da eşitmändim.

21.10.2002

1984 ýa 85-nji ýylyň pagta ýygymy döwründe akademik Şamyrat Täşliýewe publisistik çykyş zakaz etdim. Öýüne bardym. Gürleşdik. Soň ol telewideniýe geldi. Biziň redaksiýamyz edebi-drama gepleşikleridi. Men onuň baş redaktory bolup işleýärdim. Şonda Şamyrat aga maňa özüniň iki tomluk kitabyny awtograf ýazyp ýadygärlik berdi. Ol: “Aýtakow hakda ýazan makalaňy okadym. Ýylgaý Durdy Aýtakow hakda roman ýazyp, ony kiçeltdi, sen bolsa şo makalaň bilen ony beýgeltdiň” – diýip aýtdy. Elbetde, taryhçy alymyň men hakda aýdan öwgüli sözleri meni begendirdi. Ýöne onuň hakykata nähili derejede gabat gelýändigini bilemok.
Biz gezek işim düşüp rus dilinde çykýan “Aşhabad” žurnalynyň redaksiýasyna bardym. Redaksiýa Ýazyjylar soýuzynyň jaýynda, ikinji gatynda ýerleşýärdi. Baş redaktory Wladimir Pu. Biz onuň bilen ir döwürlerde çagalar hakda “Dünýä seniň ýanyňda” atly kiçijik powest hem ýazypdyk. Redaksiýada ýazyjy Rahym Esenow hem oturan eken. “Sen Allaýar, Aýtakow hakda ýazyp oňat etdiň. Gowy ýazypsyň. Nedirbaý Aýtakow biziň garyndaşymyzdy. Makalaň üçin taňryýalkasyn!” – diýip, alkyş aýtdy.

Dowamy bar >> Ýatlamalar